# Kim jahylyýetiñ tarapdary?

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kim jahylyýetiñ tarapdary? KIM JAHYLYÝETIÑ TARAPDARY?



*«Faraon kimin ýaşap, Musadygyny aýdýanlar…*
*Nemrut kimin pikir edip Ybraýym pygamberi oda atandan soñ özüniñ Ybraýymdygyny aýdýanlar…*
*Ebu Jehil kimin ýaşap, Muhammet pygamberiñ (s.a.w) mirasdüşeridigini aýdýanlar…*
*«Men pygamberiñ neslinden» diýip ýalan sözläp, almaz daşly tagtlarda oturýan, iñ soñky model «Mersedeslerde» gezýän namazlyk şeýtanlary…*
*Hind kimin ýaşap, özüniñ Äşedigini, Hatyjadygyny aýdýanlar döredi.*
*Jahylyýet döwrüniñ ähli adatlary janlandy, gulçulyk düzgüni dikeldildi. Süýthorçylyk resmileşdirildi, 60 million adam berginiñ batgasynda urunýar. Ýurt halkara süýthorlaryñ elinde goly-aýagy baglanan bendä öwrüldi. Küpür mähellesinde, ýalan meýdanynda, hile köçesinde yslam satylar hala geldi…*
*Häzir içiñizden köpiñiziñ «Bular dogry, ýöne munhñ çykalgasy nirede?» diýýänsiñiz! Hemişe hemme zadyñ çykalgasy bar. Ýol*

*petikli bolsa, ýa böwetleri ýa açmaly, ýa täze ýol arçamaly.*
*Emma hemme zatdan öñ bütin türk halkynhñ ýokarda ýazylan ajy hakykatlary kabul edip, ugruny kesgitlemegi gerek.*
*Ýalñyşy, erbedi, hapalygy bilmesek, dogryny, gowyny, pwadany tapyp bilmeris!*
*Syýasatçylar, intelligensiýa, alymlar, ýazyjy-şahyrlar dogryny aýtmasalar, türk milletine hakykatlary nädip ýetireris?*
*Bu biçäre adamlary namazlyk şeýtanlarynyñ elinden nädip halas ederis?*
*Çykalgany tapmak üçin hemmeler tarapyny belli etmeli. Kim yzagalaklyklygyñ, dini fanatizmiñ, jahylyýetiñ tarapynda, bileliñ-ä! Kim döwrebaplygyñ, ylym-bilimiñ, akyl-paýhasyñ, demokratoýanyñ we dünýewi respublikanyñ, Atatürküñ tarapynda, onam bileliñ!*
*Respublikanyñ, demokratiýanyñ, Atatürküñ tarapynda ýaly görnüp, tarykat-jemagat şarlatanlarynyñ gujagyna girenleriñ, ogurlyk puly bilen syýasat satýanlaryñ nikabyny sypyrmazdan we döwürleýin ýallakçylardan hasap soramazsan hiç kimsä arkaýyn ýok! Şuny bek ýadyñyzda saklañ…»*




* * *
Söýgüli okyjylar, ýokardaky sözler «Doğru» partiýasynyň esaslandyryjy başlygy Rifat Serdarogluna degişli.
Watansöýüji syýasatçynyň pikirlerini siziň bilen paýlaşasym geldi.
Serdarogly sesini kän eşitdirip bilmese-de, ýigidiň hakyny ýigide bermek gerek… Ol gowy we netijeli oppozision göreş alyp

barýar, ildeşlerimize hakykatlary ýetirmek üçin jan edýär.
Her syýasatçy şonuň ýaly çyr-çytyr bolup göreşse, dogry maglumatlar bilen halky oýandyrmagyň gamyny iýse, megerem häzir ýurdumyzyň ýagdaýy has başga hili bolardy.




• **GÜNÜŇ SÖZI**

*Aşylmasy mümkin däl hiç hili kynçylyk ýokdur. Hernä akyl-paýhasdan, ylym-bilimden we Atatürkden daş düşme!*

Rahmi TURAN.

«SÖZCÜ» gazeti, 11.08.2024 ý. Publisistika